# Süýdene / hekaýa

Category: Hekaýalar,Kitapcy,Satiriki hekaýalar
написано kitapcy | 26 января, 2025
Süýdene / hekaýa **SÜÝDENE**




Tomus aýlary gelip ýetdi. Howa ýakyp-ýandyryp barýar. Iýul aýynyň agşamlary… Sörtük şemallarynyň öwüsýän günlerini hasap etmesek, gijelerine uklamak gaty kyn. Şeýle gijeleriň birinde garadere batyp oýandym. Buz ýaly bir zatlary içesim geldi. Düşegimden turmam kyn boldy, sebäbi mende hiç bir lukmanyň em tapmadyk we özümiňem indi munuň bilen ýaşamaga öwrenişen täsin bilagyrym bar.
Lukmanlar muňa mäzleşme diýýär. Içýän dermanlarym agyry-ynjymy biraz gowşadýaram welin, beýnimi-de doňduryp taşlaýar. Ýarym-ukuly halda gözümi açalak-ýumalak edip ýerimden turdum. Ýaňy üç-dört ädim ädenimden dabanyma iňňe sanjylan ýaly agyry duýdum. Al-asmana towsanymy duýman galdym. Bilagyrym ýatdan çykan ýaly boldy. Ogluma alan oýunjak dronymyň üstünden basypdyryn. Oglum ýaňy bir ýarym ýaşynda, oňa alan oýunjaklarymy özümem oýnaýarýn. Munuň üstünde aýalym bilen mydam gohlaşyp ýörün. Oýunjaklary köneldýärmişim. Şonuň üçin köplenç maňa görkezmän saklaýar.
Agşam otagyma elim dronly gelipdim, diýmek, oýnap ortada goýan ekenim. Hernä döwülmedi. Soňra keýtikläp aşhana tarap ýöneldim. Holodilnigi açdym, ýagtysy gözümi gapyp barýar. Elimi sokup irden goýan suwumy gözledim. Elime ilen gaby başyma çekip, bäş-alty gezek owurtladym, ýöne içen zadym suw däldi. Dilimde ýarym talh, ýarym süýji tagam bardy. Ýogsa-da ol geçen hepde alan gatygym bolaýmasyn? Tagamy gatyga-da meňzänokdy. Aý, hernäme bolanda-da, teşneligimi-hä gandyrdym. Nämedigini bilmesemem, ýerime geçip ýatdym. Ertesi irden aýalym meni turuzdy. Ol:

– Holodilnikdäki süýdi sen içdiňmi? – diýip sorady.
– O nämäň süýdi?
– Nämäň süýdi bolsun, ogluň süýdi?
– Ogluň süýdi?!.
Aýalym täze dünýä inen oglum aglanda bermek üçin emzik çüýşesini öz süýdünden dolduryp goýupdyr, menem ondan habarsyz onuň goýan süýdüniň ýarsyna golaýyny içsem näme!
– Aý-waýeý, ogluň süýdi-dä, Oguzyň süýdini içipsiň!
– Nähili Oguzyň, haýsy Oguzyň? Oguz kim?
– Bir ýarym aý öň doglan ogluňy bileňokmy indi, öz ogluň Oguz. Agşam oňa niýetläp öz süýdümi sagyp, emzik çüýşesinde goýupdym. Senem o süýdi içipsiň.
– Ýagny, men seniň süýdüňi içipdirin-dä?
– Şeýle ýaly.
– Onda?
– Ondasy-mundasy ýok, sen indi meniň süýdoglum bolýaň.
Ýerimden böküp turanymy duýman galdym. Gözlerimi owkalaşdyrym, aýalyma ünsli seredip:
– Näme diýýäňaý sen? – diýdim.
– Näme diýenimi eşitdiň-ä. Sen indi meniň süýt emdiren oglum bolduň. Şu ýagdaýda menem seniň süýdeneň bolýaryn.
Logiki taýdan alanda aýalymyň aýdanlary dogrudy. Şol gün agşama çenli muny kellämde aýlap gezdim. Eýsem şeýle ýagdaý menden öňem biriniň başyna geldimikä diýip kän sorap-indedim, ýöne hiç ýerde bular ýaly maglumata gabat gelmedim. Diýmek, enemiň süýdünden başga aýalymyňam süýdüni içendigim üçin ol hakykatdanam meniň süýdenem bolmagy mümkindi. Dem salymda gerdejigi ýuwdanymy göz öňüne getirdim. Aramyzda täze sahypa açylýarmyka ýa hemme zadyň gutardygymyka? Muny müftilikden başga aýyl-saýyl edip berjek ýer ýok.
Wagt ýitirmän müftilige jaň etdim.
– Salawmaleýkim, mollam, bir sorag bardy welin…
– Aýdyp oturyň.
– Mollam, men ýalňyşlyk bilen aýalymyň süýdüni içipdirin. Şeýle ýagdaýda aýalym meniň süýdenem bolýarmy?
Telefonyň aňyrsyndan gülmän saklanjak bolýan, ýöne saklanyp bilmän gülýän mollanyň kikirdisi eşidildi. Mollanyň gülýänini bilsemem, sowalymyň jogabyny alman onuň bilen aramy bozasym gelenokdy.
– Mollam, barmysyňyz?
– Ba-ba-bar-la. Hojaýyn, soragyňyza jogap bermek üçin ilki

sorag-ideg edip görmeli bolýarys. Isleseñiz, telefon belgiñizi goýuñ, özümiz jañ edip habaryny aýdarys.
– Bolýa, mollam – diýip, telefony goýdum.
Şol gün agşama çenli müftilikden geljek jaña garaşdym. Eýläk-beýläk zowzullap, sañsara döndüm. Tutuş bir hepde geçenem bolsa, habar-hatyr ýokdy, soñabaka men aýalymyñ «Oglum, nähili ýagdaýlañ, gowumy?» diýen soraglaryna öwrenişip başladym. Günler şeýdip geçip barýardy, aýalymam ogluma dahylly bir zat bolanda: «Agasy, jigiñe seretsene», «Jigiñ üstüni ýap», «Jigiñ aglaýar…» diýip, üstümden gülýärdi.
Hawa, eger aýalym süýdenem bolýan bolsa, oglumam süýtemşen doganym bolýardy. Indi men oglum bilen aramda doganlyk bagynyñ bardygyna ynanyp başladym. Aýalymam her gezek ýañsylaýjy nazar bilen meni ýere sokýardy. Aradan bir ýyl geçdi, hiç kim maña jañ edenokdy. Soñ men muny ýatdan çykardym. Bir gün ýene ýadyma düşdi. Işden soñ müftilige sowuldym. Ýagdaýy gürrüñ berdim. Hernä, gorkar ýaly zat ýok eken. Taraplardan biri iki ýaşyndan uly bolsa süýdene ýa süýdemşen dogan ýaly ýakynlyk bolanokmyş. Ýüregim ýerine geläýdi. Molla şonda bir ýyl öñem şular ýaly meselä gabat gelendigini aýtdy. Soñ ol adamyñ aýaly bilen telefonda gürleşipdir. Molla:
– Olam siziñ ýaly howatyrlydy – diýdi.
Aýalymyñ ýüzündäki ýañsylaýjy bakyşlary göz öñümden geçdi. Soñam «süýdoglum» diýip gülşi. Müftilikden çykyp öýe ýumlukdym. Kellämde bolsa ýeke jümle ikiýana at salýar: “Allajan, hiç kimsäni aýallaryñ elinde goýmasyn!”


Adem GÜLER,
Türkiýe.
Terjime eden Has TÜRKMEN. Satiriki hekaýalar